# Alňasaýar çarhypelek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Alňasaýar çarhypelek ALŇASAÝAR ÇARHYPELEK



-Başlan zatlaň bary bir gün gutarýar.
-Söýgem şomy?
-Dünýe şeýle, ýogsa nä.
-Nüçin älem soňky döwür ýylanok?
-Ýylajakmy her günde gar ýagsa nä.
-O nä söýgi köp ýodadan ýöreýär?
-Sebäp sada düşünjesi aşa dar.
-Pişik ite haýbat atýar bu günler,
hany mertlik?
-Arzuwlarda ýaşaýar.

-Gözellermiz her şemala gaýyp ýör,
şeýle bo:rmy, heý melek?
-Melekmi ýelek?!.
-Bir durkunda duryan zatlar nüçin kem?
-Näme diýjek… Alňasaýar çarhpelek.